
Iman näme?



Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.

Sorag: Esselämu aleýkum. Iman näme?
Jogap: Waleýkum esseläm.

Iman sözüniň arapça sözlük manysy "tassyk" diýmekdir. Bir kişi "Allaha iman etdim" diýse, "Allahy tassyk (kabul) etdim" diýmekligi añladar.
Şerigatda bolsa: "Iman kalbyň bilen tassyk etmek, dil bilen aýtmak (ykrar) etmek we bedeniň bilen amal etmekdir, iman ýagşy amal etmek bilen artar, günä iş etmek bilen azalar" diýip, ähli-sünnet alymlary düşündirendirler. Ymam Buhari (rahimahullah) aýdýar: "1080 kişiden hadys aldym, olaryň içinde diňe hadysçylaram bardy. Olaryň hemmesi: "Iman söz we amaldan ybaratdyr, artar we kemeler" diýerlerdi." *(el-Lalekai, Şerhu Itikadi Usulu Ehlis-Sunne)*
Hanafi alymlaryndan Ibn Ebil-Iz el-Hanafi (rahimahullah) şeýle diýýär:
"Ymam Mälik, Şafi, Ahmed, Ewzai, Ishak bin Rahaweýh, başgada ençeme hadysçylar, Medineliler, Zahiriler, we kelamçylardan bir topar jemagat imanyň kalp bilen tasdyk, dil bilen aýtmak (ykrar) we bedeniň bilen amal etmekdigine ijma etdiler." *(Şerhul-Akideti-Tahawiýýe)*
Ýokardaky agzalan imanyň düşündirlişinden hem belli boluşy ýaly hakyky iman kalbyň bilen şeksiz-şübhesiz ynanyp tasdyk etmekdir, soňra diliň bilen aýtmakdyr we ol tasdyk edip, diliň bilen ykrar eden zadyňa amal etmekdir. Bu üç zady özünde jemläp kişä mü'min diýilýär. Eger bir kişi dili bilen iman etdim diýse we bedeni bilen amal etse, emma kalby bilen ynanyp, tasdyk etmese bu kişiniň iman etdigi bolmaz. Eger-de kalbyndan ynanyp, dili bilen aýtsa, emma amal etmese bu-da kämil iman eýesi bolup bilmez. Amalsyz imandan peýda ýokdur. Eger diňe Allaha ynanyp, tasdyk etmekden peýda bolsady, Iblis kapyr bolmazdy. Çünki Iblis Allahy inkär etmeýärdi. Iblis Allaha ynanýardy. Hatda Iblisiň günümizde käbir ynsanlaryň aýdyşy ýaly Allahy gören barmy? Ýa-da o dünýä gidip gelen barmy? ýaly soraglary ýokdy. Iblis Allah tagalanyň buýrugyny ýerine ýetirmänligi üçin kapyr boldy. Kuran-Kerimde Allah tagala Iblis barada: "Haçanda biz perişdelere Adama sežde ediň diýenimizde. Olar sežde etdiler, diňe Iblis tekepbirlendi we kapyrlardan boldy." *(Bakara,34)*

Akyda-da imanyň meşhur Jibril hadysynda beýan edilişi ýaly alty sany rüküni bardyr. Iman: Allaha, perişdelere, kitaplara, pygamberlere, ahyrýet gününe we kadara iman etmekdir. Bu alty rüküne iman etmeýän kişi kapyr bolar.

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salat we salam bolsun.